# Bäş däne sonet

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bäş däne sonet BÄŞ DÄNE SONET

- **Sylapberdi Muhamow hakda**




*Sylapberdi Muhamow 1980-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Daşoguz welaýatynyň Ýylanly (häzirki Gurbansoltan eje adyndaky) etrabynda ýerleşen Garagaç obasynda eneden dogdy.*
*Başlangyç bilimi obasyndaky 21-nji orta mekdepde aldy. 2010-2019-njy ýyllar aralygynda öz welaýatyndaky «Daşoguz habarlary» gazetiniň Syýasy jemgyýetçilik bölüminde uly habarçy wezipesinde işledi. 2018-nji ýylda welaýat häkimliginiň garamagyndaky lisseýde Kitaphanaçy we arhiwçi hünäri boýunça bilim aldy.*
*Edebi döredijilik bilen 1997-nji ýyldan bäri meşgullanýar. Ilkinji gezek «Bürgüt» atly şygry bilen halkyň arasynda*

*tanaldy.*
*«Daşoguz habarlary» , «Edebiýat we sungat», «Nesil» gazetlerinde, «Garagum» , «Türkmenistan-sport» 7/24 internet jurnalynda şygyrlary, poemalary, şeýle hem soňky ýyllarda ulykiçi proza eserleri yzygiderli çap edildi.*
*Şygyrlarynda Watan, watançylyk, ynsançylyk, haýyr-şer bilen bagly meseleler gozgalýar.*
*Jurnalistika bilen baglanyşykly işinde Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygy mynasybetli geçirilen medeni çärelere gatnaşdy, Beýik Ýüpek ýolunuň ugrundaky medeniýet konferensiýasynyň çäklerinde geçirilen çäreleri, Daşoguz şäheriniň GDA-nyň medeni paýtagty yglan edilmegi bilen baglanyşykly baýramçylyk çärelerini makalalarynda ýazyp beýan etdi. Ýurt içinde Birleşen Milletler guramasynyň geçiren birnäçe okuw-maslahatlaryna gatnaşdy. Elbetde, publisist we ýazyjy hökmünde bu syýasy çäreler ýazyjynyň döredijiligine özboluşly täsir edýär.*
*2014-nji ýylda sungat we döredijilik ugurlary boýunça geçirilýän Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijisi boldy.*
*«Iň soňky aw», «Toýda», «Nebis», «Marala meňzeş gyz» ýaly hekaýalarynda ynsan gatnasyklary we söýgi problemalary gozgalýar.*
*Umumadamzat meselerine, häzirki globallaşýan dünýäniň problemalaryna ýüzlenip «Harap bolan hazyna», «Isanyň arabaçy ogly», «Penjireden bakýan perişde» ýaly hekaýalary bar.*
*Uly eserlerinden «Jadylanan daglar» romanyny agzap geçmek bolar. Häzirki wagtda «Kaknus guşlar» we «Gijäniň öýi» atly uly göwrümli eserleri ýazýar.*
*www.kitapcy.ru edebi-çeper saýtynda S.Muhamowyñ döredіligi bilen giñden tanyş bolup bilersiñiz.*

- **Watan asmany**

Giň asmanda gök ummany gulaçlap,
Gül Diýara gaýdyp gelýär durna-gaz.
Toýnuk gurap, hataryny taraşlap,
Gelýär olar hem gözellik hem owaz.

Dogduk depesiniň mährine suwsap,
Dolanyşy kämil durna gazlaryň.
Ter suwly kölleriň kenaryn küýsäp,

Gelýär olar seýranyna ýazlaryň.

Watan asmanynda, deňinde arşyň,
Görünende durna-gazlaň nyzamy,
Uzyn hatarlary keşbinde kirşiň,
Dillerinde küýseg-mähir owazy.

Geýärler gulaçlap mawy asmany,
Olar misli wepadarlyk dessany.

- **Oba säheri**

Ak säherler ot-çöpleriň üstünde
Bulduraşýan çyga aýlaňda nazar,
Ähli zatlar çykar gider ünsüňden,
Bilýäň, ol üst-başyň öl eder, ezer.

Ýalbyrap garşyňdan dogan güneşe
Düzüm-düzüm dür mysaly enaýy,
Alasarmyk duýgularym bulaşar,
Aýdyň, sizi haýsy zada deňäýin?!

Gumak ýollarynda Çopandepäniň,
Ak çyga basyrnan güllere garap,
Gözlerime eziz göründi pany,
Gitsem diýdim säher çyg deýin eräp.

Togap etsem, öpsem şu topragym men,
Kükregim hem kalbym ýüregim bilen.

- **Mukaddes söz**

Üç harpdan ybarat ajaýyp sözde,
Bu ýaşaýşyň bar manysy jemlenen.
Nan diýseň dokunýar göwünler, gözler,
Bu söz ýakymlydyr aýdym, heňdenem.

Lowurdap çykanda yssy tamdyrdan,
Gözlermizi gamaşdyryp Gün ýaly.
Gül durmuşyň gönezligne deňdir ol,

Nan hakdaky sözlerde bar çuň many.

Hak emrinden tegelek Gün her säher
Göge galýar ýaşaýyşa görk berip.
Şol Güne meňzedip zenan nan ýapar,
Onsaň jahan hasam gider görklenip.

Üç harpdan ybarat bir söz bar ýene,
Ol mukaddes söz hem mähriban ene.

- **Goldaw**

Ýaz geldi, şat guşlar dowamat üçin,
Otyrlar ses-üýnsüz, ýumurtga guzlap.
Sen olara goldaw bolmagyň mümkin,
Honha, bezzat gelýär höwürtge bozýan…

Ýazyň yzysüre jokrama tomus.
Höwürtgede jüýjejikler ýetişip-
ýetişmänkä üstlerini gallar howp.
Ol baga dyrmaşýan aldajy pişik.

Aldajy pişigi ät goýsaň awdan,
Ýene ýaşar bäş jan gyzyletene.
Basym ganat bitip, göterlip bagdan,
Göge tagzym kylyp hezil ederler.

Hemaýat etmeklik gelýärkä goldan,
Guşlar hem adamdan gözleýär goldaw.

- **Söz**

Men sözleriň mejnuny, hem şol älemde jahankeşde.
Gözleýärin kalbym bilen her bir kelamy kör deýin.
Her täze söz jadyly em, batyl didelermi açsa
Kalbyma ýagtylyk guýup gökden gaýdan nur deýin.

Gaharlymy-mähirlimi tapawudy-parhy ýok,
Söz matasyn dokaýan men, ol bir älemgoşar ýaly.
Söz dünýäniň janymydyr, şol bolmasa ruhy ýok.

Men ony has taraşlaýan älem älemleşer ýaly.

Sözler-ýumak, bir çolaşan, sözler Aý deý aýdyň-sada,
Söz bar siňek deý hapysa, söz bar açylan gül kibi.
Ýerliksiz aýdylan jümle, galdyrýandyr ýaman ada,
Hem-de gaýgyly jümläni aýdyp goýberme gülküli.

Söz bir lybas mysalydyr, geýme ony çöwresine,
Ýogsa-da adamlar gülki ýassygyna öwrer seni.

10.10.2021 ý.